# Stiwen Spilbergiñ gapbarçanaklar baradaky jogabynda gizlenen hakykat

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Stiwen Spilbergiñ gapbarçanaklar baradaky jogabynda gizlenen hakykat STIWEN SPILBERGIÑ GAPBARÇANAKLAR BARADAKY JOGABYNDA GIZLENEN HAKYKAT

Soner Ýalçyn soňky makalasynda “Saýýaramyzdan başga ýerde heniz bilinmedik janly-jandarlar barmyka?” diýen soragy orta atdy.
Elbetde, bar, gadyrdan Soner.
Nädip bolmasyn?..
Düýp-teýkarsyz älemde her gün 275 million täze ýyldyz dogýar ýa-da ýok bolýar.
A älem?
Iñ ýakynymyzdan başlalyñ. Bolmalysyndan artyk ýangyç iýmeýän gurat uçar bilen sagatda 900 km tizlik bilen Ýer togalagynyñ daşyndan aýlanmak üçin azyndan iki gün gerek. Hut şol tizlik bilen Güne baryp ýetmek üçin bolsa 19 ýyl gerek.
Ýer togalagy bir ýylda bir gezek Günüñ daşyndan aýlanýar. Günüñ Akmaýanyñ ýoly galaktikasynyñ daşyndan bir gezek aýlaw etmegi üçin bolsa tegelek 225 million ýyl gerek.
Açyk howada asmana seredenimizde köp bolanda 2500 ýyldyzy saýgaryp bilýäris. Diñe Akmaýanyñ ýoly galaktikasyndaky ýyldyzlaryñ sany bolsa mundan 80 million esse köp.
Galaktikamyzda janly ýaşaýyşa ýaramly hasap edip boljak 40 milliard saýýara bar.
Älemiñ diñe öwrenilen künjünde 2 trillion galaktika, her galaktikada-da azyndan 100 milliard ýyldyz bar.
Älemiñ diñe ýarsy 48 milliard ýagtylyk ýylyna barabar. Onda azyndan 2 trillion galaktika bar. Her galaktikada ortaça azyndan 100 milliarda ýyldyz bardygy mälim. Käbir

galaktikalarda bu san 400 milliarda ýetýär. Soňky ýyllarda geçirilen ylmy-barlaglar Akmaýanyň ýolundaky ýyldyzlaryň 200 milliarda geçýändigini anyklady.
Astronom **Dawid Kornreich** tutuş älemde azyndan 10 trillion galaktikanyň bardygyny çaklaýar. Her galaktikada Akmaýanyň ýolunky ýaly ortaça 100 milliard ýyldyz bar diýip hasaplasal, ýyldyzlaryň jemini mukdary şular ýaly görnüşde orta çykaryp bolar:
1,000,000,000,000,000,000,000,000.
(1-iň yzynda 24 sany nol bar.)

■ “EĞER BAR BOLSALAR… DIÑE ŞEÝLEDIRLER!”

Sorag belli.
Eger hakykatdanam bar bolsalar, kosmosdaky medeniýetlere duş gelen ýagdaýymyzda näme etmeli bor?
Dostlarym, gapbarçanak (UNN – uçýan näbelli närse, ýagny, uçýan legenler) meselesi oýun-oýunjak mesele däl, çünki bu meselä meňzeş başga mesele ýok we bu älem ýaly çuňňur we çylşyrymly temanyň meselesi.
Käbir gözegçilik habarnamalary bu barada kem-käsleýin maglumatlary bermänem duranok. Kimdir biri asmanda näbelli zada gözi düşenmiş ýa-da gören ýaly bolanmyş. Habarnamalarda muňa güwä geçýän şaýatlar barmak büküp sanardan köp we dürli-dürli ýerlerde bolup geçýär. Maglumatlar kem-käsleýinem bolsa, netijede ortada fiziki hadysanyň bardygy anyk, emma alymlar gapbarçanakly wakalara çynlakaý üns bermek islänoklar. Ýa-da şeýtmek olaryň öz bähbidine.
Görnetin «ýok» diýmek bolsa, bu boýunça ylmy düşündirişiň öňüni ýapýar
Ya da öle gözükmek işlerine gelir.
Bu meselä ynanmazçylyk bilen seredýänlere-de hormatym bar, emma belli bir derejede. Meselem, muňa mysal hökmünde psihologiýa ylmynyň görnükli wekillerinden şweýsar psihiatry Karl Gustaw Ýungyň muňa bolan garaýşyny görkezse bolar: “Gapbarçanaklar biziň göz öňünde janlandyrýan aňdan daşgary ýa-da aňasty fantaziýalardyr, ine, hut şoň üçinem onuň adama

golaý aýratynlyklary bar. Ýagny, bolup geçýän hadysalar adamlaryň hyýalynda janlandyrýan düşünje formalarydyr.”
Bular ýaly pikir edýänleriň pikiriçe, gapbarçanaklar adamlaryň sosial kynçylyklara we dowamly erbetlige tarap barýan dünýä garşy psihologik taýdan toslanan halas ediji we teselli beriji düşünjelerden başga zat däl.
Olara duş gelinen wakalardaky umumy meňzeşliklere näme diýjeklerkä onda: ýagny, regional we medeni aýry-aýrylyklara garamazdan birmeňzeş zatlaryň gaýtalanyp durmagy… hem-de gapbarçanaklaryň adamyň güýji ýetmeýän aragatnaşyk serişdelerinde, has takygy, radarlarda görülmegi…

## ■ MUGJYZALAR WE YNANÇLAR

Meniň pikirimçe-hä, gapbarçanaklar, başga saýýaralylar bar we soňam boljak zat.
Geçmişde jyn, peri, döw ýa-da mifologik barlyklar hökmünde orta çykan bolmaklary ahmal we birnäçe dini mugjyzalaryň ýa-da ynançlaryň düýbünde olar bar.
Biziň günlerimizde bolsa, gapbarçanakdyr başga saýýaralylar özgeren medeniýete we edebiýatyň ylmy-fantastika žanryna utgaşdyrylyp öwrenilýär. Bu ýakynlygyň psihologiki tarapy bar. Hem-ä durmuşyň kynçylyklaryndan gaçylýar, hemem soňsuz älemiň öňündäki ejizligimiz we gorky-howatyrlarymyz beýan edilýär.
Meşhur kinorežissýor [b]Stiwen Spilbergden gapbarçanakly we başga saýýaraly “Üçünji jyns bilen ýakyn gatnaşyk” kinofilmini surata düşürenden soň, ondan kinofilmi nädip beýle hakykata golaý we ynandyryjy düşürip bildiň diýip sorapdyrlar. Iň gyzykly soragam, onuň bu boýunça amerikan hökümetiniň goldawyny nädip alandygydy.
Spilberg gülümsiräp, MTV-de beren interwýusynda şeýle jogap beripdi: “Bu kinofilmde käbir ownuk jikme-jikliklerden başga hemme zat çyn bolup biler. Hemme zat mazaly oýlanyp-ölçerilip, maslahatlaşylyp edildi we eger olar bar bolsa, diňe şular ýalydylar…”

Halit KAKYNÇ.

31.05.2020, Odatv.com Geň-taňsy wakalar